# Türkmenim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türkmenim TÜRKMENIM

Türküm, türküm, türkmenim,
Türkmen menem, türk menem.
Ýöne indi öňkim däl,
Maşyn görsem, ürkmenem.

Türküm, türküm, tütjarym,
Öýden çykardym çörüm,
Ýene bir zat öwrendim,
Heleýme diýýän: ”Ýarym”.

Türküm, türküm, tahýalym,
Günüm geçer bol-elin,
Güne biparh garaman
Özüm türkdürin welin.

Ýatsam ýoňsuz ýataryn,
Ýetsem birden ýeterin,
Öz öndüren çagamy,
Ilden ogryn sataryn.
/döwür şeýle nädeýin/

Kakabaşym kakabaş.
Miltiň bolsa, ýakalaş.
Kakabaşym, bu başym,
Çalyşmaryn başa-baş.

Bapba GÖKLEŇ. Goşgular